TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ, BITARAP TÜRKMENISTAN BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA BERK EÝERIP, DÜNÝÄ ÝURTLARY WE HALKLARY BILEN DOSTLUKLY, HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK GATNAŞYKLARYNY ALYP BARÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
8-nji iýul, 2022. Belgisi 27/1489



# ASUDA DURMUŞ – DÖWREBAP ÖSÜŞ

***5-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy we ýakyn geljek üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi. Şeýle hem mejlisiň gün tertibine Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak hem-de olaryň işini has-da kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň 2022-nji ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleri hem-de «Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

Degişli düzümleriň işgärler bilen üpjünçiligini pugtalandyrmak, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler hasabatyň aýratyn meselesi boldy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Ýaragly Güýçleriň düzüminde ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hakynda Kararlaryň, 2022-nji ýylda Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň Meýilnamalaryny tassyklamak hakynda Buýrugyň taslamalary hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň çäklerinde öňde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hödürlenen resminamalara gol çekip, Türkmenistanyň ähli ýokary okuw mekdepleri bilen bir hatarda, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýokary hem-de orta hünär okuw mekdeplerinde okuwa kabul etmek boýunça giriş synaglarynyň geçirilip başlanýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe, içeri işler ministri M.Hydyrowa, milli howpsuzlyk ministri G.Annaýewe, Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýewe ýolbaşçylyk edýän edaralarynyň okuw mekdeplerinde geçiriljek giriş synaglarynyň bellenen kadalara doly laýyk geçirilmegine, şeýle hem okuwlara mynasyp ýaşlaryň kabul edilmegine berk gözegçilik etmek tabşyryldy. Şol bir wagtyň özünde ugurdaş okuw mekdeplerinde berilýän bilimiň derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, olarda okatmagyň döwrebap usullarynyň ornaşdyrylmagyna üns çekildi.

Harby we hukuk goraýjy edaralarynda gulluk edýän ýaşlaryň watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmeginiň, olaryň arasynda hukuk bozulmalaryň öňüni almak boýunça zerur işleriň geçirilmeginiň wajypdygyny belläp, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy bu meseleleri hemişe üns merkezinde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Baş prokuroryň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji B.Begmyradow prokuratura edaralarynda şu ýylyň ýanwar–iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şeýle hem «Türkmenistanyň prokuratura edaralarynyň ulgamyny ösdürmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasy barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň razylygy bilen, ýustisiýanyň kiçi geňeşçisi S.Mälikgulyýewi Türkmenistanyň Baş prokurory wezipesine belläp, ony Aşgabat şäheriniň prokurory wezipesinden boşatmak barada karara gelendigini aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, B.Begmyradow Baş prokuroryň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirmekden boşadyldy.

Mejlisiň dowamynda S.Mälikgulyýew bildirilen ýokary ynam üçin ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, kanunçylygyň berk berjaý edilmegi, ýurdumyzda hukuk tertibiniň berkidilmegi, halkymyzyň döredijilikli zähmetiniň we bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegi ugrunda ähli tejribesini, başarnygyny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow IIM-niň ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, düzgün bozulmalaryň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň hemmetaraplaýyn berjaý edilmegi, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde hereket edýän çagalar dynç alyş-sagaldyş merkezlerinde degişli tertip-düzgüni saklamak boýunça amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygyna laýyklykda, «Türkmenistanyň içeri işler edaralarynyň ulgamyny ösdürmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasy taýýarlanyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ministrligiň düzümleýin bölümleriniň işiniň kämilleşdirilmegine ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz ýol hereketiniň howpsuzlygyna häzirki zaman tehniki serişdeleriniň we üpjünçilik ulgamynyň işjeň ornaşdyrylmagynyň wajypdygy barada aýdyp, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça degişli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dürli künjeklerinde hereket edýän dynç alyş merkezlerinde hem-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda tomusky dynç alyş möwsüminiň dowam edýändigini nazara alyp, içeri işler ministrine zolagyň ähli çäklerinde jemgyýetçilik tertip-düzgüniniň, şeýle hem ýol hereketiniň we ýangyn howpsuzlygynyň kadalarynyň doly berjaý edilmegine berk gözegçiligi ýola goýmak tabşyryldy.

Ýokary kazyýetiň başlygy G.Ussanepesow milli kazyýet ulgamynda şu ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Kazyýet ulgamyny döwrüň talabyna laýyklykda, mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda ýerine ýetirilýän anyk işler barada aýdyp, düzümiň ýolbaşçysy ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň garamagyna «Türkmenistanyň kazyýet ulgamyny ösdürmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kazyýet edaralarynyň adyl kazyýetliligi amala aşyrmak arkaly, adamlaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goraýandyklaryny belledi. Kazyýet edaralarynyň işi kanunylygy, adalatlylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge, hukuk düzgüniniň bozulmalaryna getirýän sebäpleriňdir şertleriň aradan aýrylmagyna gönükdirilendir. ■ 2

## «Aşgabat – dizaýn şäherim» atly maslahat



*5-nji iýulda Türkmenistanyň jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde «Aşgabat – dizaýn şäherim» atly maslahat we sergi geçirildi. Bu çäre ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň Sekretariaty, Parahatçylyk gaznasynyň müdiriýeti, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi hem-de Aşgabat şäher häkimligi tarapyndan guraldy.*

Bu çärä jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleri, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarydyr talyplary, paýtagtymyzyň ýaşaýjylary, şeýle-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Maslahat «Men gözelligi döredýärin» şygary astynda geçirilip, onuň çäklerinde guralan sergide amaly-haşam sungatyna degişli önümler – türkmen milli şaý-sepleri, haly we haly önümleri, el işleri, suratkeşlerdir heýkeltaraşlaryň, keramikaçylaryň sungat eserleri, milli ruhda taýýarlanan sowgatlyklar görkezildi. Serginiň köpöwüşginli eksponatlary ÝUNESKO-nyň dizaýn ugurly şäherleriniň abraýly sanawyna girmäge ymtylýan türkmen paýtagtynyň diňe bir binagärlik çözgütlerinde däl, eýsem, döredijilik durmuşynda-da dizaýnerlik çemeleşmeleriň mynasyp orun eýeleýändigini giňden şöhlelendirdi. ■ 2

## Saglygy goraýyş ulgamynda hyzmatdaşlyk

*4-nji iýulda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Merkezi Aziýada «Bitewi saglyk» konsepsiýasyny ilerletmek boýunça utgaşykly görnüşde ýokary derejeli sebit maslahaty geçirildi. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Ýewropa sebit edarasy bilen bilelikde guran ýöriteleşdirilen forumynyň işine abraýly halkara we sebit guramalarynyň wekilleri, halkara bilermenler hem-de Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Täjigistandan, Özbegistandan hünärmenler gatnaşdylar.*



Merkezi Aziýada adamlaryň saglygyny, haýwanat dünýäsini we daşky gurşawy goramaga gönükdirilen «Bitewi saglyk» konsepsiýasyny ara alyp maslahatlaşmak, bu ugurda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin halkara düzümleriň tagallalaryny birleşdirmek bu maslahatyň esasy maksady boldy. Forumda hormatly Prezidentimiziň bu möhüm ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alyp barýan netijeli syýasatyna ýokary baha berildi.

Maslahatyň çäklerinde «Merkezi Aziýada «Bitewi saglyk» maksatnamasyny durmuşa geçirmek üçin milli ileri tutulýan ugurlara düşünmek», «Merkezi Aziýada bitewi saglyk ugrunda hyzmatdaşlyk: adamyň, haýwanat dünýäsiniň we daşky gurşawyň özara gatnaşygynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin halkara düzümleriň tagallalaryny birleşdirmek» atly mowzuklaýyn mejlisler geçirildi.

Olaryň dowamynda ýöriteleşdirilen edaralaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmak meselelerine garaldy. Adamlaryň, öý we ýabany haýwanlaryň saglygy bilen daşky gurşawyň, şol sanda giň ekoulgamlaryň ýagdaýynyň arasyndaky berk arabaglanyşyk meselesine aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda keselleriň öňüni almak we adamlaryň saglygyny goramak maksady bilen, azyk önümleriniň hiline hem-de howpsuzlygyna berk gözegçilik edilýändigi, Diýarymyzyň ähli künjeklerinde ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek üçin giň gerimli işleriň geçirilýändigi bellenildi.

Wekiliýetiň agzalary türkmen kärdeşleri bilen Merkezi Aziýada saglygy we abadançylygy goldamak ugrunda 2022–2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň «Ýol kartasynyň» taslamasy boýunça pikir alyşdylar, bilelikdäki ylalaşyklary durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak maksady bilen, ýokary derejedäki duşuşyklary yzygiderli guramak meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Forumda jemleýji resminama kabul edilip, onda ýurtlaryň Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň çäklerinde bilelikdäki tagallalary üçin esasy ugurlar öz beýanyny tapdy.

## Ynsanperwerligiň we dost-doganlygyň baýramy

*Gurban baýramy bagtyýar halkyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar, adamlaryň ýüreginde birek-birege mähremlige, dost-doganlyga bolan duýgyny berkidýär. Türkmen topragynda gadymdan bäri aýratyn sarpalanýan bu mukaddes baýramçylygyň milli senenamamyzyň ähmiýetli seneleriniň sanawyna girizilmegi bilen, ata-babalarymyzyň ajaýyp däplerini dowam edýän halkymyz Gurban baýramyny giňden, agzybirlikde we ruhubelentlikde bellär.*



Gurban baýramy ozaly bilen maşgala baýramy bolup, her öýde myhmanlar üçin datly tagamlar taýýarlanylýar. Bu baýram hoşmeýilliligiň we mähribanlygyň baýramy.

**TÜRKMEN ZYÝARATÇYLARY HAJA GITDILER**

Hormatly Prezidentimiziň Buýrugyna laýyklykda, 2–22-nji iýul aralygynda haj parzyny berjaý etmek üçin, 275 sany türkmen zyýaratçylary Mekge-Medinä gitdiler. Mukaddes Gurban baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna we paýtagtymyza wekilçilik edýän watandaşlarymyz tutuş dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, şu sahawatly günlerde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp bolan dessurlary berjaý edýärler.

Mekge ýylda millionlarça musulmany kabul edýän halkara zyýarat merkezidir. Hut şu ýerde – mukaddes şäheriň ýüreginde, dünýäniň iň uly we esasy metjidi bolan Al-Haram metjidi ýerleşýär. Al-Haram metjidiniň içerki howlusynyň merkezinde yslamyň esasy mukaddesligi – Käbe ýerleşýär. Ol daşdan gurlan hem-de beýikligi 15 metr kub görnüşli bina bolup, onuň çüňkleri dünýäniň dört tarapyny görkezýär. ■ 2




### Ummanlar boýunça maslahat geçirildi

27-nji iýun – 1-nji iýul aralygynda Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda BMG-niň ikinji umman boýunça maslahaty geçirildi. 3



### Dünýä çempionaty tamamlandy

Wengriýanyň paýtagty Budapeştde Suw sportlary boýunça geçirilen 19-njy Dünýä çempionaty tamamlandy. 4



### Guýmagursak zehini ýatlap

Kömleriň halypasy, zehinli aktýor Ata Alowowyň döredijilik ýoly hakynda pikir eden mahalyň «Ynsan ömrüniň manysy näme?» diýen sowal örboýuna galýar. 5

# DÜNÝÄ HABARLARY
## gysga setirlerde



**Çölden tapylan metjit.** Ysraýylly arheologlar Negew çölünde gadymy metjidiň yzlaryny tapdylar. Bu açyş Rakhat şäherinde täze kwartalyň gurluşygy boýunça işler alnyp barylýan wagtynda edildi. Metjit ýarym tegelek mehraply kiçiräk inedördül şekilli otagdan ybarat bolup, az sanly adama niýetlenipdir.



**1300 ýyllyk gäminiň syry.** Fransuz arheologlary Bordo şäheriniň golaýyndaky Garonne derýasyndan tapylan 1300 ýyl ozalky gäminiň syryny açýarlar. Ilkinji barlaglar bu gämi arkaly 680-720-nji ýyllar aralygynda derýanyň ugry bilen Atlantik ummanynyň kenaryna çenli oba hojalyk önümleriniň daşalandygy anyklandy.



**40 million dollara satylan heýkel.** Şweýsariýada, «Art Basel» ýarmarkasynda üç metr beýiklikdäki möý görnüşli heýkel 40 million dollara satyldy. Möýüň heýkeli amerikaly heýkeltaraş, suratkeş Luiza Buržua tarapyndan döredilip, onuň öz zähmeti üçin gazanan iň uly pullarynyň biridir.



**Uzyn gulakly owlak.** Pakistanda gulagy ýarym metr uzynlykdaky owlak dünýä indi, olaryň her biri 48 santimetre deň. Ýerli nubiý geçileri üçin uzyn gulaklar tebigy ýagdaý, sebäbi geçiler olar bilen yssydan goranýarlar, emma Simba diýlip at berlen owlagyň gulaklary aýratyn täsin galdyrýar.



**292 uçar satyn alar.** Hytaýyň «China Southern Airlines», «Air China» we «China Eastern Airlines» döwlet awiakompaniýalarynyň jemi 37 milliard dollarlyk 292 sany «Airbus A320neo» uçaryny satyn almak üçin şertnama baglaşandygy habar berildi. Bu barada Şanhaýyň birža gaznasynyň habarynda mälim edilýär.



**15 çereşnýa 4,440 dollara satyldy.** Ýaponiýanyň Aomori prefekturasynda geçirilen auksionda çereşnýanyň bahasy boýunça täze rekord goýuldy. «Juno Heart» görnüşinden bolan çereşnýanyň 15 sanysy salnan guty 600 müň ýene (takmynan 4,440 dollar) satyldy.



**Kömrüň bahasy rekord derejä çykdy.** Aziýanyň bazarynda kömrüň bahasy rekord görkezijilere ýetdi we ilkinji gezek bir tonnasynyň bahasy ABŞ-nyň 400 dollaryndan hem geçdi. «Bloomberg» neşiri bu ýagdaýy ählumumy bazarda ýangyjyň zerurlygy bilen baglanyşdyrýar.



**10,7 million ýewro satylan heýkel.** Ogýust Rodeniň «Akyldar» atly heýkeli Parižiň «Christie's» auksionynda 10,7 million ýewro satyldy. Hünärmenleriň pikiriçe, dünýäde bu heýkeliň 20-den gowrak bürünç we gips nusgasy bar. Onuň 1882-nji ýylda bürünçden ýasalan asyl nusgasy Parižiň Roden muzeýinde saklanýar.



**Daşky gurşawyň goragynda.** Hindistan daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni almak maksady bilen 1-nji iýuldan bir gezek ulanylýan plastmassanyň köp görnüşine gadaganlyk girizdi. Ýurtda her ýylda, takmynan, dört million tonna plastik galyndy emele gelip, onuň üçden bir bölegi gaýtadan işlenmän, daşky gurşawa düşýär.



**Iň çuň ýere batan gämi.** Barlagçylar Filippin deňzinde dünýäde suwuň iň çuň ýerine batan gämini tapdylar. Samuel B. Roberts (DE 413) gämisiniň galyndylarynyň ýerleşýän ýeri 6895 metr çuňlukda ýerleşýär. Bu häzire çenli öwrenilen we anyklanan iň çuň ýerdäki gämidir diýip, bilermenler aýdýarlar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Ýewropadan Hindistana deňiz ýoluny açan Wasko da Gamanyň (1469-1524) ilkinji ekspedisiýasy 1497-nji ýylyň 8-nji iýulynda Lissabondan ýola düşýär. Oňa Hindi ummanyndan geçmäge arap ýolbeledi Ahmad ibn Majid ýardam berýär. Gamanyň flotiliýasy 1498-nji ýylyň 20-nji maýynda Kalikutyň golaýyndaky hindi kenarlaryna ýetýär.**




# UMMANLAR BOÝUNÇA MASLAHAT

27-nji iýun – 1-nji iýul aralygynda Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda BMG-niň ikinji umman boýunça maslahaty geçirildi. Bu maslahata dünýäniň dürli künjeklerinden müňlerçe syýasatçylar, bilermenler we ekologlar gatnaşyp, ummanlaryň hapalanmagy sebäpli balyklaryň, haýwanlaryň we guşlaryň köpçülikleýin gyrylmagynyň öňüni almagyň we emele gelen ýagdaýdan baş alyp çykmagyň ýollaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Bu halkara forum, adamzadyň Ýeriň suw ekoulgamyna ýetirýän zyýanyny düzetmegiň ýolunda möhüm tapgyr boldy. Maslahatyň esasy maksady, suwuň hapalanmagyna we şorlaşmagyna, bikanun balyk tutulmagyna, biodürlüligiň ýitmegine, balyklaryň, haýwanlaryň we guşlaryň ýaşaýyş gurşawynyň aradan aýrylmagyna garşy ummanlary durnukly dolandyrmak maksady bilen innowasiýa, ylmy esasly çözgütleri halkara jemgyýetçiligine hödürlemekden ybarat boldy.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş häzirki wagtda ummanlaryň adatdan daşary ýagdaýdadygyny, global ýylylygyň, ummanlaryň temperaturasynyň rekord derejä çenli ýokarlanýandygyny, bu ýagdaýyň bolsa, ýygy-ýygydan güýçli tupanlara sebäp bolýandygyny belledi.

Maslahata gatnaşyjylar öz çykyşlarynda, gyssagly çözgütleri talap edýän esasy meseleler: umman baýlyklarynyň aşa köp ulanylmagy, ummanlaryň şorlaşmagy we hapalanmagy barada durup geçdiler. Çykyş edenler her ýylda bir million guşuň we 100 müňden gowrak süýdemdirijiniň ummanlara düşýän mikroplastikler zerarly ölüp, bu ýagdaýyň 2050-nji ýyla çenli üç esse artyp biljekdigini bellediler.

«Umman ylymlarynyň Halkara onýyllygy» taslamasy Lissabon forumynda aýratyn ähmiýete eýe boldy. Birleşen Milletler Guramasynyň 2021-2030-njy ýyllarda durmuşa geçirilmegine garaşylýan bu başlangyç maslahatyň




esasy mowzugy boldy. Lissabon maslahatynda ýaşlaryň roly barada hem durlup geçildi. Ýaş telekeçiler häzirki wagtda ekologlaryň ýüzbe-ýüz bolýan meseleleriniň innowasiýa, subutnamalara esaslanýan çözgütlerini tapmaga üns berdiler.

Maslahatda köp ýurtlar meýilnamalary durmuşa geçirmek maksady bilen 700-den gowrak borçnamany öz üstüne aldylar. Dünýäniň dürli künjeklerinden haýyr-sahawat guramalaryny birleşdirýän «Planetamyzy goralyň!» maksatnamasy 2030-njy ýyla çenli 1 milliard dollar maýa goýmagy wada berdi.

BMG-niň maglumatlaryna görä, planetanyň kenarýaka zolaklarynda, takmynan, 680 million adam ýaşaýar we 2050-nji ýyla çenli bu san bir milliarda çenli artar. Soňky çaklamalara görä, şu onýyllygyň ahyryna çenli umman bilen baglanyşykly pudaklarda, takmynan, 40 million töweregi adam işlär.

Maslahat Portugaliýada geçirilse-de, onuň esasy guramaçysy Keniýadyr. Bu Afrika ýurdunyň kenarýaka ilatynyň, takmynan, 65 göterimi balyk tutmak, deňiz baýlyklaryny ulanmak we gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly işlerde zähmet çekýär.



# «ÝAŞYL DIWAR» GURMAGY MEÝILLEŞDIRÝÄR

**Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh tarapyndan başy başlanan çölleşmä garşy göreş boýunça «Milliard agaç» milli kampaniýasynyň çäginde serhet ýakasynda «ýaşyl diwar» gurmak meýilleşdirýär. Bu barada Prezident administrasiýasynyň başlygy Ýanguuriin Sodbaatar Tuw sebitiniň Baýançandman şäherinde agaç ösdürip ýetişdirmek boýunça nahalhananyň açylyş dabarasynda aýtdy.**

**Onuň sözlerine görä, çäge sowurýan harasatlar we tupanlar ýaly tebigy betbagtçylyklardan goranmak maksady bilen serhet ýakasyndaky 960 gektar meýdanda, esasan, nahalhanada ösdürilip ýetişdirilen 6,9 million agaç oturdylar. Geljekde bu san 16 million agaja çenli artar.**

**– Mundan başga-da, tokaý zolaklarynyň ugrunda «ýaşyl diwar» gurmagy, ýaşyl ýerleri köpeltmegi, Gobi sebitindäki çeşmeler we akymlar bilen birlikde oazisleri goramagy meýilleşdirýäris – diýip, Ýanguuriin Sodbaatar belledi.**

**Geçen ýyl Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden öz ýurdunyň howanyň üýtgemegine we çölleşmäge garşy göreşmek isleýändigini yglan edende, tutuş ýurt boýunça agaç ekmek kampaniýasy resmi taýdan başlandy. Mongoliýanyň 2020-2024-nji ýyllar üçin hökümet maksatnamasy zeper ýeten tokaýlary dikeltmek we tokaý meýdanyny 8,6 göterime çenli ýokarlandyrmak ýaly birnäçe möhüm çäräni öz içine alýar. Mongoliýanyň Daşky gurşaw we syýahatçylyk ministrliginiň iň soňky maglumatlaryna görä, häzirki wagtda ýurduň çäginiň, takmynan, 77 göterimi çölleşýär.**

# HIGGSIŇ BOZONYNYŇ AÇYLANYNA 10 ÝYL

**10 ýyl ozal Uly adron kollaýderinde işleýän barlag geçirijiler ylymda iň möhüm açyşlaryň biri bolan Higgsiň bozonynyň bardygyny tassykladylar. Bu barada 2012-nji ýylyň 4-nji iýulynda yglan edildi. Higgsiň bozonynyň tapylmagy alymlara bölejikleriň massasynyň nädip emele gelýändigini anyklamaga mümkinçilik berdi.**

**Nazaryýetiň awtorlary Piter Higgs we Fransua Engler 2013-nji ýylda fizika boýunça Nobel baýragyna eýe boldular. Ýadro barlaglary boýunça Ýewropa guramasy, üç ýyllyk tehniki arakesmeden soň äpet kollaýderi 5-nji iýulda täzeden işe girizdi. Kollaýder işe girizilenden soň, bölejikler görlüp-eşidilmedik derejede biri-biri bilen çakyşyp ugrady.**



**– Uly adron kollaýderinde ilki bilen her bir şöhle toplumjygynda 6,8 elektron wolt energiýa bilen protonlary çaltlandyrarys. Bu derejede çaknyşyk energiýasy 13,6 trillion elektron wolta ýetip, synag üçin gyzykly rekord bolar. Ondan soň, üç ýyllap synag wagtynda alnan maglumatlary ýygnarys. Şeýlelikde, biz täze açyşlar edip bileris – diýip, baş inžener Delfin Žake aýtdy.**

**Uly adron kollaýderi Ženewanyň golaýynda guruldy. Onuň esasy wezipesi, Älemiň gurluşynyň standart modelindäki gyşarmalary ygtybarly kesgitlemekden ybarat bolup durýar. Gurluşyk we barlag işlerine 100-den gowrak ýurtdan 10 müňden gowrak alym we inžener gatnaşdy.**

# ÝEWROPA BILELEŞIGINE BAŞLYKLYK EDER

1-nji iýulda Ýewropa Bileleşigine başlyklyk Fransiýadan Çehiýa geçdi. Bileleşigiň her bir ýurdy bu wezipäni alty aýlap dowam etdirýär. Şol gün Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen Çehiýa sapar etdi. Ol ýurduň häkimiýetleri bilen Ýewropa Bileleşigine ýolbaşçylyk eden döwründe iş meýilnamasy we ýakyn wagtda çözülmeli derwaýys meseleler barada pikir alyşdy. Çehiýanyň Premýer-ministri Petr Fiala bilen bilelikde geçirilen metbugat ýygnagynda Ursula fon der Lýaýen ýakyn alty aýda Çehiýanyň bileleşigiň energetika, howa we sanly ulgam ugurlaryndaky meýilnamalarynyň durmuşa geçirilmegine ýardam berjekdigine umyt bildirdi.

Petr Fiala Çehiýanyň Ýewropa Komissiýasy bilen häzirki wagtda aýratyn möhüm bolan energiýa meselesini çözmek, energiýa howpsuzlygyny güýçlendirmek we energiýanyň elýeterliligini ýokarlandyrmak maksady bilen tagallalaryny birikdirjekdigini aýtdy. Ol Ýewropa Bileleşigi ýurtlaryny häzirki çökgünligi gysga wagtda çözmek üçin utgaşdyrylan we bilelikdäki usulda energiýa syýasatlaryny tizleşdirmäge çagyrdy.



Mundan öň, Çehiýanyň Ýewropa Bileleşiginiň başlygy hökmünde alyp barýan işleriniň esasy ugurlarynyň migrasiýa krizisine garşy göreşmek, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, goranyşy güýçlendirmek we Ýewropa ykdysadyýetiniň durnuklylygyny ýokarlandyrmak ýaly wezipelerden ybaratdygy habar berlipdi. Çehiýa 2004-nji ýylda Ýewropa Bileleşigine girdi we 2009-njy ýylda ilkinji gezek başlyklygy öz üstüne aldy.

# Milletler Arkalaşygynyň agzasy boldular

Iki Afrika döwleti – Togo we Gabon, Ruandada geçirilen maslahatda Milletler Arkalaşygyna (öňki Britan Milletler Arkalaşygy) kabul edildi. Bu barada metbugat ýygnagynda Ruandanyň Prezidenti Pol Kagame mälim etdi. Şeýlelikde, Milletler Arkalaşygyna girýän döwletleriň sany 56-a ýetdi.

Togo we Gabon öz taryhynda hiç haçan Beýik Britaniýa garaşly bolmandy, ýöne bu ýurtlaryň häkimiýetleri britan Şa zenany Ýelizaweta II ýolbaşçylygyndaky Milletler arkalaşygyna goşulmak kararyna geldiler. Bu halkara bileleşiginiň häzirki giňelmegi, Ruandanyň 2009-njy ýylda Milletler Arkalaşygyna goşulandan soň, ilkinji gezek bolup geçýär.




– Togonyň Milletler Arkalaşygyna agzalygy, diplomatik, syýasy we ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmek, şeýle hem iňlis dilinde gürleýän dünýä bilen ýakynlaşmak islegimizden gelip çykýar – diýip, Togonyň daşary işler, Afrika integrasiýasy we diaspora gatnaşyklary ministri Rober Dýusseý aýtdy.



Britan Milletler Arkalaşygy 1926-njy ýylda esaslandyryldy we 1947-nji ýylda Milletler Arkalaşygy ýa-da Arkalaşyk boldy. Oňa ilkibaşda Beýik Britaniýa we onuň öňki ýerleriniň hemmesi diýen ýaly girýärdi. Ýöne bu gurama soňky onýyllykda hiç haçan britan patyşalygynyň düzüminde bolmadyk ýurtlar goşuldy. Olaryň arasynda Ruanda we Mozambik bar.




# Ikinji tapgyry GEÇIRILER

**Birleşen Milletler Guramasynyň Biologik dürlülik baradaky Konwensiýasyna /COP15/ gatnaşyjylaryň 15-nji maslahatynyň ikinji tapgyry şu ýylyň 5-17-nji dekabrynda Kanadanyň Monreal şäherinde geçiriler. Bu barada Hytaýyň Ekologiýa we daşky gurşaw ministrligi mälim etdi.**

**Sessiýa ilkibaşda şu ýylyň aprel aýynda Hytaýyň günorta-günbataryndaky Ýunnan welaýatynyň merkezi Kunminde geçirilmegi meýilleşdirilip, COVID-19 pandemiýasy sebäpli yza süýşürilipdi.**

**Ministrligiň habaryna görä, Hytaý bu maslahatyň möhüm syýasy meselelerine ýolbaşçylyk etmek üçin COP15-iň başlygy wezipesini dowam etdirer.**

**Geçen ýylyň oktýabr aýynda Kunminde geçirilen COP15-iň birinji tapgyry bir wagtyň özünde ýüzbe-ýüz hem-de onlaýn ýagdaýda geçirildi. Onuň gazanan üstünlikleri, biodürlüligiň global prosesine we taraplaryň 2020-nji ýyldan soňky global biodürlüligiň çarçuwaly maksatnamasy baradaky ylalaşygyna güýçli syýasy itergi beripdi.**

**Hytaý biodürlüligi gorap saklamaga aýratyn ähmiýet berýär we bu ugurda gepleşikleri çaltlandyrmak hem-de Ýer ýüzündäki ýaşaýşyň hatyrasyna umumy geljegi gurmaga has köp goşant goşmak maksady bilen COP15-iň ikinji tapgyrynda ähli gyzyklanýan taraplar bilen hyzmatdaşlygy has-da artdyrmagy meýilleşdirýär.**

# G7 sammitini KABUL EDER




**Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisida 26-28-nji iýun aralygynda Germaniýada geçirilen uly ýediligiň (G7) 48-nji sammitinde G7 liderleriniň indiki maslahatynyň 2023-nji ýylyň 19-21-nji maýynda Hirosimada geçiriljekdigini mälim etdi. Bu barada «Kyodo» habarlar gullugy habar berdi.**

**Ýaponiýa iň soňky gezek 2016-njy ýylyň maý aýynyň ahyrynda Mie prefekturasynda G7 sammitini kabul etdi. Soňra Hirosimada birleşigiň daşary işler ministrleriniň maslahaty geçirildi. Şol ýyl bu şähere Barak Obama geldi we Hirosima şäherine baryp gören ABŞ-nyň ilkinji Prezidenti boldy.**

**2023-nji ýylda G7-niň başlyklygy Ýaponiýa geçýär. Maglumatlara görä, syýasy çäräniň Hirosimada geçirilmegi Ýaponiýanyň global meselelerde işjeň rol oýnamak isleýändigini görkezýär. Mundan başga-da, Hirosima Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisidanyň saýlaw okrugydyr.**



# MEJLISIŇ täze başlygy

**Hökümete tarapdar köplügiň dalaşgäri, «Öňe, Respublika!» partiýasynyň agzasy Ýael Braun-Piwe Fransiýanyň mejlisiniň täze başlygy wezipesine saýlandy. Ol ýurduň taryhynda bu wezipäni eýelän ilkinji zenan boldy. Braun-Piwe 51 ýaşynda. Ol bilimi boýunça aklawçy, 1930-njy ýyllarda Fransiýa göçüp baran polýak immigrantynyň gyzy. Ol 2017-nji ýylda ilkinji gezek parlamente saýlananda, Milli mejlisiň kanun çykaryjy toparyna ýolbaşçylyk etdi.**

**20-nji maýda Premýer-ministr Elizabet Bornyň hökümet düzümine giren Ýael Braun-Piwe 25-nji iýunda Ministrler Kabinetinden çykdy we başlygyň ornuna bäsleşmek maksady bilen mejlise dolanyp geldi. Onuň garşydaşlary «Respublikaçylar»-dan Anni Ženewar we «Milli bileleşigiň» agzasy Sebastýan Şenýu boldy.**

**Belläp geçsek 19-njy iýunda Fransiýada parlament saýlawlary geçirildi. Onuň netijelerine görä, Emmanuel Makronyň bileleşigi Milli mejlisde 245 orna eýe bolup, ep-esli ses ýitirensoň aşaky palata doly gözegçiligini saklap bilmedi.**

# Bir sözlemde...

## (Transfer täzelikleri)


Kristof Galtie, Sadio Mane, Frank Kessi, Kalwin Fillips

Gazagystanyň «Kaýrat» toparyndaky tälimçiligini taşlan ildeşimiz Gurban Berdiýew Eýranyň «Traktor» toparynyň sport ugry boýunça ähli düzümiň jogapkäri wezipesine bellendi, şol bir wagtyň özünde-de tejribeli tälimçi klubuň akademiýasyna-da gözegçilik eder.

PSŽ topary argentinaly tälimçisi Maurisio Poçettinony wezipesinden boşadyp, onuň ornuna geçen möwsümde «Nissada» işlän, 2021-nji ýylda «Lilli» çempion eden 55 ýaşyndaky fransiýaly Kristof Galtieni wezipä belledi (2 ýyllyk).

Germaniýanyň «Bawariýa» topary «Liwerpulyň» 30 ýaşyndaky senegally hüjümçisi Sadio Maneni 32+9 million ýewro transfer edip, ýyldyz oýunçy bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.

«Barselona» topary «Milandan» şertnamasy tamamlanan kot-d'iwuarly ýarymgoragçy Frank Kessini hem-de «Çelsiden» gaýdan daniýaly goragçy Andreas Kristenseni tölegsiz 4 ýyllyk şertnama bilen öz düzümine goşdy.

Italiýanyň «Milan» kluby «Liwerpuldaky» şertnamasy tamamlanan belgiýaly hüjümçi Diwok Origini tölegsiz transfer edip, 27 ýaşyndaky oýunçy bilen 4 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi.

Angliýanyň çempiony «Mançester Siti» topary «Lids Ýunaýtediň» iňlis ýarymgoragçysy, 26 ýaşyndaky Kalwin Fillipsi 6 ýyllyk şertnama bilen öz düzümine goşup, oýunçynyň transfer bahasy 42+8 million funt sterling diýlip kesgitlenildi.

Londonyň «Arsenal» kluby «Mançester Sitiniň» braziliýaly hüjümçisi Gabriel Žesusy 45 million funt sterlinge transfer edip, 25 ýaşyndaky ýyldyz bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Italiýanyň wise-çempiony «Inter» kluby «Aýaksyň» 26 ýaşyndaky kamerunly derwezeçisi Andre Onany hem-de «Romanyň» ermenistanly ýarymgoragçysy, 33 ýaşly Genrih Mhitarýany tölegsiz transfer edip, Onana bilen 5 (ýyllyk 3 million ýewro), Mhitarýan bilenem 2 ýyllyk (ýyllyk 3,5 million ýewro) şertnama gol çekişdi.

«Premier Liganyň» «Tottenham» kluby ýurduň başga bir topary «Ewertondan» braziliýaly ýyldyz oýunçy Rişarlison de Andradeni 50+10 million ýewro berip, 5 ýyllyk şertnama bilen öz düzümine goşdy.

Soňky gezek «Barselona» tälim beren ispaniýaly Erneste Walwerde 3-nji gezek «Atletik Bilbao» klubunyň tälimçiligine bellenip, 58 ýaşyndaky hünärmen mundan ozal 2003-2005-nji hem-de 2014-2017-nji ýyllar aralygynda basklylaryň tälimçisi bolupdy.

«Real Madriddäki» şertnamasy tamamlanan 32 ýaşyndaky uelsli ýyldyz futbolçy Garet Beýl ABŞ-nyň «Los Anjeles FK» toparyna transfer bolup, ol bu klub bilen 1,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Geçen tomusda «Interden» «Çelsä» 97,5 million funt sterlinge transfer bolan belgiýaly ýyldyz hüjümçi Romelu Lukaku 1 ýyldan soň täzeden yzyna dolanyp, ol «Interde» kärendesine çykyş eder (1 möwsüm).

# DÜNÝÄ ÇEMPIONATY TAMAMLANDY

Wengriýanyň paýtagty Budapeştde Suw sportlary boýunça geçirilen 19-njy Dünýä çempionaty tamamlandy. Çempionatda medallaryň sanawynda amerikaly türgenler birinji orny eýelediler. Olar 18 altyn, 14 kümüş, 17 bürünç, jemi 49 medal gazandylar. 18 altyn, 2 kümüş, 8 bürünç, jemi 28 medal gazanan hytaýlylar 2-nji orna mynasyp boldular. 9 altyn medal gazanan italýanlar çempionaty 3-nji orunda tamamladylar (9 altyn, 7 kümüş, 6 bürünç).


Ana Marselo Kunýa

Sinhronlaýyn ýüzmek ýaryşlarynda ýekeleýin 2 bäsleşikde-de münberiň ýeňijileri birmeňzeş boldy. Ýagny tehniki hem-de erkin görnüşlerde altyn medaly ýaponiýaly Ýukiko Inui, kümüş medaly ukrainaly Marta Fiedina, bürünç medaly gresiýaly Ewangeliýa Platanioti gazandy. Jübütleýin 2 ýaryşda-da ýeňijiler birmeňzeş bolup, hytaýly Wan Lýui bilen Wan Sýanýi ikisi altyn medala mynasyp boldy. Ukrainalylar 2-nji, awstriýaly gyzlar 3-nji ýeri eýelediler. Garyşyk jübütleýin bäsleşiklerde italiýaly Jorjo Minisini bilen Lukresiýa Rejerio ikisi altyn medal gazandy. Toparlaýyn ýaryşlarda hytaýlylar 2, ukrainalylar 2 altyn medala mynasyp boldular.


Gregorio Paltrinieri

Woterpol ýaryşlarynda erkekleriň arasynda finalda Italiýany penaltileriň netijesinde (9:9, 6:5 p) ýeňen Ispaniýa 3-nji gezek Dünýä çempionlygyny gazandy. Zenanlarda ýer eýesi Wengriýany 9:7 ýeňen ABŞ-ly gyzlar 7-nji sapar Dünýäniň çempiony bolmagy başardy.

Suwa bökmek ýaryşlarynda altyn medallaryň ählisini-de hytaýly türgenler gazandylar. Erkekleriň arasynda Wan Szýunýuan 1, 3 hem-de bilelikdäki 3 metr ýaryşlarynda altyn medala mynasyp boldy. Zenanlardan Çžen Iwen bilen Çžen Ýusi çempionaty 2 altyn medal bilen tamamladylar.


Keýti Ledeki

Açyk suw ýaryşlarynda 5 kilometr bäsleşiginde germaniýaly Florian Wellbrok ýeňiji boldy. Italiýaly meşhur ýüzüji Gregorio Paltrinieri 10 kilometr ýaryşynda ilkinji altyn medalyny gazandy. Bu ugurda Tokio Olimpiadasynda kümüş medal gazanan Paltrinieri 5 kilometr ýaryşynda Wellbrokdan yza galyp 2-nji ýeri eýeledi. 25 kilometr ýaryşynda bolsa italiýaly Dario Werani öňe saýlandy.

Zenanlardan braziliýaly Ana Marsela Kunýa 5 hem-de 25 kilometr ýaryşlarynda altyn medal gazandy. Ol 10 kilometr ýaryşynda-da münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Ýüzmek bäsleşiklerinde erkekleriň arasynda erkin ýüzmekde rumyniýaly Dawid Popowiçi (erkin 100, 200 metr), wengriýaly Kristof Milak (kebelekleýin 100, 200), fransiýaly Leon Markan (garyşyk 200, 400 metr) dagy 2 altyn medal gazandy. Kebelekleýin 50 metr hem-de estafeta ýaryşynda ýeňiji bolan amerikaly Kaeleb Dressel Dünýä çempionatlaryndaky altyn medallarynyň sanyny 15-e ýetirdi. 1500 metrde Gregorio Paltrinieri hem çempionatyň, hem-de Ýewropanyň rekordyny goýdy. Italiýaly Tomas Çekkon arkanlaýyn 100 metr ýüzmekde Dünýä rekordyny täzeledi (51,60 sekunt).

Zenanlaryň arasynda amerikaly Keýti Ledeki erkin ýüzmekde 400, 800 hem-de 1500 metr ýaryşlarynda altyn medalyň eýesi boldy. Toparlaýyn ýaryşda-da ýeňiji bolan Ledekiniň Dünýä çempionatlaryndaky altyn medallarynyň sany 19-a ýetdi. Şwesiýaly Sara Şöström 50 metr aralyga erkin hem-de kebelekleýin ýüzmekde birinji orny eýeledi. Kanadaly Sammer MakIntoş kebelekleýin 200 metr hem-de garyşyk 400 metr ýaryşlarynda ýaşlaryň arasyndaky rekordy öz adyna geçirdi.

# ILKINJI ÝEŇIŞ

Formula 1 boýunça möwsümiň 10 ýaryşy Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçirildi. Şäherçäniň 5,8 kilometrlik adybir trassasynda geçirilen ýaryş taryhy wakalara baý boldy. Bäsleşigiň eýýäm ilkinji aýlawynda 5 sürüjiniň ulagy awariýa sezewar bolup, aýratynam, hytaýly Guanýu Çžouwa has agyr



zeper ýetdi. Onuň ulagy trassanyň gyrasyndaky demir bariýerlere degdi. Dessine togtadylan bäsleşikden soň Çžounyň saglyk ýagdaýynyň gowudygy habar berildi. Täzeden başlan ýaryşda ilkinji hatardan bat alan ispaniýaly Karlos Saýns Junior («Ferrari») 10-njy aýlawda ornuny niderland Maks Werstappene («Red Bull») aldyrdy. Ýöne 2 aýlawdan soň täzeden birinjilige geçen Karlos Saýns Junior toparynyň görkezmesi boýunça monakoly topardaşy Şarl Leklere ornuny berdi. 41-nji aýlawda meksikaly Esteban Okonyň ulagynda dörän näsazlyk sebäpli howpsuzlyk ulagy trassa girdi. 2 aýlawdan soň täzeden bat alan ýaryşda Karlos Saýns Junior öňe saýlanyp, bäsleşigiň soňuna çenli ornuny saklamagy başardy. 52 aýlawy 2 sagat 17 minut 50,311 sekuntda tamamlan Karlos Saýns Junior karýerasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. Ispaniýaly sürüji karýerasy boýunça ilkinji gezek F1 ýaryşynda birinji orundan bat alyp, ilkinji sapar hem ýeňiş gazandy. Ol F1-de bir ýaryşda ýeňiş gazanan 112-nji, şol sanda 2-nji ispaniýaly sürüji hökmünde hasaba alyndy.

Ýaryşda ýeňijiden 3,77 sekunt yza galan «Red Bulldan» meksikaly Serhio Peres 2-nji ýeri, 6,22 sekunt soň pellehana gelen «Mercedes»-iň britaniýaly sürüjisi Lýuwis Hamilton 3-nji orny eýeledi. Şarl Lekleriň 4-nji ýeri eýelän ýaryşynda sanawyň lideri Maks Werstappen 7-nji orna mynasyp boldy. «Haas» toparynyň sürüjisi, meşhur pilot Maýkl Şumaheriň ogly Mik Şumaher 8-nji ýeri eýeläp, karýerasyndaky ilkinji utugyny gazandy (4 utuk).

Geçirilen 10-njy ýaryşdan soň Werstappen 181 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. Topardaşy Peres 147 utuk bilen 2-nji ýeri eýeleýär. 138 utukly Lekleriň 3-nji orunda barýan sanawynda utugyny 127-ä çykaran Karlos Saýns Junior 4-nji ýere beýgeldi.

Möwsümiň 11-nji ýaryşy 10-njy iýulda Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçiriler.

# Ýaponiýa 7-nji gezek gatnaşýar




Katar 2022-ä gatnaşýan Aziýa wekilleriniň biri-de Ýaponiýanyň milli ýygyndysy bolup, olar bassyr 7-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Ýurtda futbol federasiýasy 1921-nji ýylda esaslandyrylýar. Ýaponiýa 1929-njy ýylda FIFA-nyň, 1954-nji ýylda-da AFK-nyň agzasy bolýar.




Ýaponiýanyň ýygyndysynyň Dünýä Kubogy ýaryşyndaky başdan geçirmesi 1954-nji ýyldan başlanýar. Ilkinji 3 ýaryşa hiç hili gatnaşmadyk ýaponlar 1950-nji ýyldaky ýaryşyň saýlama tapgyryna-da FIFA tarapyndan uruş zerarly alynmaýar. 1954-nji ýyldaky hem-de 1962-nji ýyldaky çempionatlara Koreýa Respublikasyndan asgyn geleni üçin gatnaşmak hukugyny gazanyp bilmeýär. 1958-nji we 1966-njy ýyllardaky ýaryşlaryň saýlama tapgyryna öz islegi boýunça gatnaşmaýar. 1970-nji ýyldan soň yzygiderli ýagdaýda Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna gatnaşýar. Ýöne olara 1998-nji ýyla çenli Dünýä Kubogyna gatnaşmak başartmaýar. Meksika 1986-nyň saýlama tapgyrynda ýene-de koreýlerden asgyn gelýär. ABŞ 1994-iň saýlama tapgyrynda-da koreýler hem-de araplardan soň 3-nji ýeri eýeläp, ýaryşyň daşynda galýar.


Keisuke Honda

### ILKINJI TEJRIBE

1998-nji ýylda Fransiýada geçirilen Dünýä Kubogy olaryň ilkinji gatnaşan ýaryşy bolup, «H» toparçada Argentinadyr Horwatiýadan 1–0 asgyn gelýär. Ýamaýkadan hem 2–1 utulan ýaponlaryň ilkinji DK synanyşygy utuksyz tamamlanýar. Ýamaýka bilen bolan duşuşygyndaky ýeke-täk goly Masaşi Nakaýama derwezä girizip, ol Ýaponiýanyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçiren futbolçy bolýar.

### 3 GEZEK ÇÄRÝEK FINALYŇ BOSAGASYNDAN GAÝDÝAR


Hadzime Moriýasu

Koreýa Respublikasy bilen bilelikde 2002-nji ýyldaky Dünýä Kubogynyň guraýjysy bolup çykyş eden Ýaponiýa «H» toparçada Belgiýa bilen 2–2 deňme-deň oýnaýar. Ýaponlaryň gollaryny Suzuki bilen Inamoto geçirýär. Russiýanyň ýygyndysyny Inamotonyň 51-nji minutdaky goly bilen 1–0 ýeňen ýaponlar 3-nji duşuşygynda Tunisden hem 2–0 üstün çykýar (Morişima 48, H. Nakata 75). 1/8 finalda bolsa Türkiýeden 1–0 asgyn gelip, ýaryşdan çykýar. 2006-njy ýylda Germaniýadaky ýaryşy ýeňlişsiz tamamlan ýaponlar «F» toparçada Awstraliýadan 3–1 utulýar, Horwatiýa bilenem golsuz deňme-deň oýnaýar. 3-nji duşuşygynda-da Braziliýadan 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar bolýar. Duşuşyklarda ýaponlaryň gollaryny Nakamura bilen Tamada geçirýär. 2010-njy ýylda GAR-da geçirilen çempionatda «E» toparçada Kamerundan Hondanyň goly bilen 1–0 üstün çykýar. Şol hasap bilen Niderlandlardan utulan Ýaponiýa Daniýany hem 3–1 hasabynda ýeňýär. Bu oýunda aziýalylara ýeňiş getiren gollary Honda, Endo hem-de Okazaki geçirýär. 1/8 finalda Paragwaýdan golsuz geçen oýnuň netijesinde penaltilerden soň asgyn gelip, çärýek finalynyň bosagasyndan gaýdýar. Braziliýa 2014 Dünýä Kubogy ýaponlar üçin şowsuz tamamlanýar. Edil Germaniýadaky ýaly 2 gol geçiren ýaponlar 2 oýunda utulyp, 1 duşuşykda-da golsuz deňme-deň oýnaýar. Hondanyň goly bilen öňe geçse-de, Kot-d'Iwuardan 2–1 utulan Ýaponiýanyň Gresiýa bilen geçiren duşuşygynda hasap açylmaýar. Kolumbiýadan 4–1 utulan ýaponlaryň ýeke-täk pökgüsini Okazaki geçirýär. Russiýa 2018 Dünýä Kubogynda «H» toparçada Kolumbiýany bu gezek Kagawa hem-de Osakonyň gollary bilen 2–1 ýeňýär. Senegal bilen 2–2 (Inui 34, Honda 78 — Mane 11, Wage 71) deňme-deň oýnan Ýaponiýa 3-nji duşuşygynda Polşadan 1–0 utulsa-da, 1/8 finala çykýar. 2-nji tapgyryň duşuşygynda-da taryhy duşuşykda 2–0 öňde barýarka Belgiýadan 3–2 asgyn gelip, ýene bir ýola çärýek finalyň bosagasyndan yzyna gaýdýar.


Katarda Minamino toparyň esasy ýyldyzy bolar.

Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda 138 oýunda 83 gezek ýeňiş gazanan ýaponlar 28 duşuşykda ýeňilýär (27 deňlik). 305 gol geçirip, 91 gol geçirdýär.

Dünýä Kubogynda bolsa 21 oýun oýnan Ýaponiýanyň ýygyndysy 5 gezek ýeňiş gazanýar. 3 gezek 2-nji tapgyra çykan ýaponlar 11 duşuşykda utulyp, 5 oýunda deňme-deň netije görkezýär. Ýaponiýa 20 gol geçirip (Honda 4, Inamoto 2, Okazaki 2, Inui 2), 29 goly derwezelerine goýberýär.

Ýaponiýanyň ýygyndysy ilkinji duşuşygyny federasiýanyň esaslandyrylmagyndan ozal, 1917-nji ýylda oýnaýar. Olar 9-njy maýda Tokioda geçirilen şol duşuşykda Hytaýdan 5–0 utulýar. Ýaponlaryň iň uly hasaply ýeňlişi hem şol ýylda bolýar. Ilkinji duşuşygyň ertesi güni, ýagny 10-njy maýda ýene-de Tokioda Filippinleriň ýygyndysyndan 15–2 utulan Ýaponiýanyň ýygyndysy bu ýeňlişiň aryny 50 ýyl soň alýar. 1967-nji ýylda Filippinleri 15–0 ýeňýär we bu Ýaponiýanyň taryhyndaky iň uly hasaply ýeňşi bolýar.

Aziýa Kubogyny 4 gezek (1992, 2000, 2004, 2011) eýeläp, bu ugurda yklymyň öňdebaryjysy bolan Ýaponiýa 2001-nji ýylda FIFA Konfederasiýa Kubogynda finala çykýar.

Ýaponiýanyň ýygyndysynda milli toparyň köýnekçesini iň köp geýen futbolçylar Ýasuhito Endo (152 oýun), Ýuto Nagatomo (136) hem-de Masami Ihara (122) dagy bolup, olaryň ikinjisi häzir hem çykyşyny dowam edýär. Gollarda iň netijeli futbolçysy Kunişige Kamamatodyr. Ol 76 oýunda 75 gol geçirýär. Häzir hem karýerasyny dowam etdirýän 55 ýaşly Kazuýoşi Miura 55, Şindzi Okazaki 50 gol bilen 2–3-nji ýerleri paýlaşýarlar.

1992-nji ýyla çenli diňe ýerli tälimçileriň tälim beren ýygyndysyna Ken Naganuma, Takadzi Mori, Şu Kamo, Takeşi Okado ýaly hünärmenler topara uly üstünlikler gazandyrýar. Daşary ýurtly tälimçilerdenem braziliýaly Ziko, italiýaly Alberto Zakkeroni, bosniýaly Wahid Halilhodžiç ýaly tälimçileriň döwründe Ýaponiýa Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Häzirki wagtda topara ýerli tälimçilerden Hadzime Moriýasu tälim berip, ol 2018-nji ýylda bu wezipä bellenýär. Topar onuň tälimçiliginde 51 oýunda 31 ýeňiş gazanyp, 10 gezek utulýar.

Katar 2022 Dünýä Kubogynda «E» toparçada Ispaniýadyr Germaniýanyň hem-de Kosta Rikanyň ýygyndylary bilen çykyş etjek Ýaponiýanyň ýygyndysynyň birnäçe oýunçysy nemes klublarynda oýnaýar. Eiži Kawaşima, Ýuto Nagatomo, Hiroki Sakai, Takehiro Tomiýasu, Maýa Ýoşida, Wataru Endo, Gaku Şibasaki, Genki Haraguçi, Takumi Minamino, Ýunýa Ito, Takumi Asano, Ýuýa Osako dagy ýaponlaryň esasy bil baglaýan ýyldyzlary bolarlar. Dünýä Kubogyna 1994-nji ýyldan bäri gatnaşyp gelýän Ýaponiýa 1 çempionaty şowsuz tamamlasa, indiki çempionatda 1/8 finala çykýar. Bu hasabata görä, ýaponlara Katar 2022-de toparçadan çykmak başartmaz. Sebäbi şol statistika görä, Katar 2022 olaryň toparçadan çykyp bilmeýän çempionaty bolar. Elbetde, bu hasabatyň dowam edip-etmejekdigini wagt görkezer. Ýöne onsuzam Ispaniýadyr Germaniýadan öňe saýlanmak ýaponlara adaty ýagdaýlarda ýeňil düşmese gerek...

**ÝAPONIÝANYŇ ÝYGYNDYSYNYŇ DUŞUŞYKLARY:**
23-nji noýabr (18:00):
**Germaniýa—Ýaponiýa** («Khalifa International», Al Raýýan)
27-nji noýabr (15:00):
**Ýaponiýa—Kosta Rika** («Ahmad bin Ali», Al Raýýan)
1-nji dekabr (00:00):
**Ýaponiýa—Ispaniýa** («Khalifa International», Al Raýýan)

*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# URUGWAÝ 2-nji GEZEK ÇEMPION BOLÝAR




Ýyl-ýyldan tejribe toplaýan we has guramaçylykly geçirmäge synanyşýan FIFA 4-nji Dünýä Kubogyny guramak üçin 12 ýyl garaşmaly bolýar. Ikinji Jahan urşunyň başlamagy bilen 1942-nji ýyldaky Dünýä Kubogyny soňa goýan FIFA bu çäräni 1946-njy ýylda-da geçirip bilmeýär. Sebäbi bu elhenç urşuň emele getiren ýykgynçylygy zerarly çempionaty geçirmäge mümkinçiligi ýokdy. Şol nukdaýnazardan, 1946-njy ýylda Lýuksemburgda geçirilen kongresde 4-nji Dünýä Kubogyny 1950-nji ýylda Ýewropa ýurtlarynyň uruşdan çykanlygy, soňky 2 bäsleşigiň bu yklymda bolandygy göz öňünde tutulyp, Günorta Amerikada guramak barada karar kabul edilýär. Onsuzam Braziliýa bu çäräni geçirmek isleýändigini 1942-nji ýylda FIFA habar beripdi. Aslynda uruş başlamazdan öň, 1942-nji ýyldaky Dünýä Kubogyny Braziliýadyr Argentina hem-de Germaniýa geçirmek isläpdi.

**Gatnaşmakdan ýüz öwürýärler**

Saýlama tapgyryna jemi 34 topar gatnaşýar. Ýer eýesi Braziliýa bilen soňky çempion Italiýa gönümel gatnaşýar. Saýlama oýunlaryndan soň Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazanan Türkiýe bilen Şotlandiýanyň ýygyndylary dürli sebäplerden (ykdysady kynçylyk, uzak aralyk) ýaryşa gatnaşmakdan ýüz öwürýär. Olaryň ornuna çagyrylan Portugaliýa bilen Fransiýa hem ýaryşda çykyş etmekden boýun towlaýar. Ýogsam bije çekilişe hem gatnaşyp, 4-nji toparça düşen Fransiýa ýolagçylygyň kyn boljakdygyny bahanalap, ahyrky pursatda çempionatda çykyş etmekden ýüz öwürýär. Aziýadan Hindistan hem Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanýar, hatda olaram edil Fransiýa ýaly bije çekilişe-de gatnaşýar (3-nji toparça). Ýöne olaryň aýakýalaňaç oýnamak islegi bilen FIFA ylalaşmaýar. Soňlugy bilen Hindistanyň ýygyndysy hem Braziliýa gelmeýär. Wagtyň azlygy sebäpli başga toparlaryda çagyrmaga mümkinçilik bolmaýar. Şeýlelikde, Žul Rimeniň ýolbaşçylygyndaky FIFA-nyň Günorta Amerikadaky 2-nji synanyşygy-da gopgunly başlaýar. Netijede, edil ilkinji Dünýä Kubogyndaky ýaly 13 topar Braziliýa jemlenýär we olar 4 toparçada çykyş edýär.

1-nji toparçada çempionatyň açylyş duşuşygynda Braziliýa Meksikany 4–0 hasabynda utýar. Şweýsariýa bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnan ýer eýeleri Marakanada 142 müň janköýeriň şaýatlygynda Ýugoslawiýany 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. 2-nji toparçada Ispaniýanyň ýygyndysy ähli oýnuny-da ýeňiş bilen tamamlaýar. Olar ABŞ-ny 3–1, Çilini 2–0 hem-de ilkinji gezek gatnaşýan Angliýany-da 1–0 hasabynda ýeňýär. 3-nji toparçada gyzykly geçen duşuşykda Italiýa bilen Şwesiýa duşuşýar we soňky çempion 3–2 hasabynda asgyn gelýär. Paragwaý bilen hem deňme-deň oýnan şwedler ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazanýar. Iki topardan ybarat 4-nji toparçada FIFA bolan 20 ýyllyk nägileligini tamamlan Urugwaý yklymyň başga bir wekili Boliwiýanyň torundan jogapsyz 8 gol girizýär.




Oýunda Oskar Miguez 3 gezek tapawutlanýar. Toparçadaky oýunlardan soň 4 ýygyndy final tapgyrynda, has takygy, final toparçasynda çykyş etmäge hukuk gazanýar.

Final toparçasynyň ilkinji oýny Urugwaý bilen Ispaniýanyň arasynda bolup, ýeňiş gazanan bolmaýar (2–2). Braziller üçin 1-2-nji duşuşyklar örän ýeňil geçýär. Sambaçylar Ademiriň 4 gol geçiren oýnunda ilki Şwesiýany 7–1 (Ademir 17, 36, 52, 58, Çiko 39, 88, Maneka 85 – Andersson 67 p), soňra Ispaniýany 6–1 (Parra 15, ö.d., Žair 21, Şiko 31, 55, Ademir 57, Zizinio 67 – Igoa 71) hasabynda utýar. Urugwaý Şwesiýany-da garşydaşynyň 2 gezek öňe saýlanandygyna garamazdan, kynlyk bilen hem bolsa 3–2 hasabynda ýeňýär. Şeýlelikde, soňky duşuşyklardan öň Braziliýanyň 4, Urugwaýyň 3, Ispaniýanyň-da 1 utugy bar, Şwesiýanyň bolsa utugy ýok. Ýer eýelerine çempion bolmak üçin bary-ýogy 1 utuk gerek. Bu duşuşyk gönümel manyda final duşuşygy bolman, ozal belli edilen senenama görä oýnalan adaty duşuşyk bolmalydy. Ýöne iki toparyň toparçadaky utuk ýagdaýy sebäpli «final» duşuşygyna öwrülýär. Çempionlyk üçin brazillere deňlik hem ýeterlikdi. Eger bu duşuşyk final hökmünde kabul edilse, onda Dünýä Kubogynda 2-nji (ilkinjisi 1930-njy ýylda) we soňky gezek finalda Günorta Amerikanyň 2 wekili duşuşýar.

**«Marakanadaky betbagtçylyk»**

16-njy iýulda ýerli sagat bilen 15:00-da başlanan Urugwaý bilen Braziliýanyň arasyndaky oýna angliýaly Jorj Rider eminlik edýär. Bu aýgytlaýjy duşuşyga tomaşa etmäge resmi maglumatlara görä, petekli 173 müň 850, jemi 199 müň 954 (käbir çeşmelerde 205 müň, hatda 216 müň) janköýer ýygnanýar. Şol wagta çenli ähli duşuşygyny şowly geçiren brazilleriň ýygyndylarynyň çempion boljakdygyna ynamlary diýseň uly. Şu gün olar üçin iň uly baýramçylyk bolmalydy. Hatda FIFA-nyň başlygy kubogy brazilleriň almagyna garaşyp, şoňa görä taýýarlyk hem görýär. Ýöne oýundan öňki çaklamalar, garaşylýan netije bolmaýar. Oýna seredeniňde, brazilleriň doly artykmaçlygynda geçen duşuşygyň 1-nji ýarymynda hasap açylmaýar. Duşuşygyň 47-nji minutynda Albina Friasa ýer eýelerini ahyry begendiren pökgini tora girizmegi başarýar. Şondan soň hem hüjümlerini ýygjamlaşdyran braziller 66-njy minutda garşylyklaýyn hüjümleriň birinde Huan Alberto Skiaffinonyň takyk urgusyna çäre tapyp bilmeýär. Şol pursatda stadiony dym-dyrslyk gurşap alýar. Bu goldan 13 minut soň, has takygy, 79-njy minutda Alsides Gijja stadiondaky atmosferany düýpgöter üýtgedýär. Has-da sessizlige bürenen stadionda diňe myhmanlaryň begençli sesleri eşidilýär. Oýnuň galan 11 minutynda-da brazillere Urugwaýyň derwezeçisini geçmek başartmaýar. Şeýlelikde, braziller üçin garaşylýan iň uly baýramçylyk ýatdan çykmajak matama öwrülýär. Şol gün futbolyň häzirki iň öňdebaryjy ýurdy üçin iň pajygaly günleriň biri bolýar. Hat-da käbir çeşmelerde oýnuň dowam edýän wagtynda amanadyny tabşyran janköýerler hem bolupdyr. Hakykatdan-da birinji tapgyrda 8, ikinji tapgyrda 14 gol geçirip, 6 topy derwezelerine goýberen ýer eýesi Braziliýa üçin futbol baýramçylygy garaşylyşy ýaly tamamlanmaýar. Braziller häzirler hem 16-njy iýuldaky bu unudylmajak wakany «Marakanaso» («Marakanadaky betbagtçylyk») ady bilen gamgyn halda ýatlap geçýärler. Bu oýundan soň Braziliýanyň ýygyndysy 1952-nji ýylyň aprel aýyna çenli hiç hili duşuşyk geçirmeýär. Şol bir wagtyň özünde-de, 1954-nji ýylyň martyna çenli-de «Marakana» stadionynda futbol oýnamaýar. Bu duşuşykdan soň Braziliýanyň ýygyndysynyň köýnekçesi üýtgedilýär we şol reňkdäki köýnekçe gaýdyp geýilmeýär.

Çempionatyň bürünç medalyna Şwesiýa mynasyp bolýar. 1938-nji ýylda 4-nji ýeri alan şwedler ispanlary 3–1 hasabynda ýeňip, ilkinji gezek bürünç medaly eýeleýär.

**Geçirilen duşuşyklar**

***1-nji tapgyr:*** **1-nji toparça:** Braziliýa–Meksika: 4–0, Ýugoslawiýa–Şweýsariýa: 3–0, Braziliýa–Şweýsariýa: 2–2, Meksika–Ýugoslawiýa: 1–4, Braziliýa–Ýugoslawiýa: 2–0, Meksika–Şweýsariýa: 1–2. **2-nji toparça:** Angliýa–Çili: 2–0, Ispaniýa–ABŞ: 3–1, Ispaniýa–Çili: 2–0, ABŞ–Angliýa: 1–0, Ispaniýa–Angliýa: 1–0, Çili–ABŞ: 5–2. **3-nji toparça:** Şwesiýa–Italiýa: 3–2, Şwesiýa–Paragwaý: 2–2, Italiýa–Paragwaý: 2–0. **4-nji toparça:** Urugwaý–Boliwiýa: 8–0

***Final tapgyry:*** Braziliýa–Şwesiýa: 7–1, Urugwaý–Ispaniýa: 2–2, Braziliýa–Ispaniýa: 6–1, Urugwaý–Şwesiýa: 3–2, Şwesiýa–Ispaniýa: 3–2, Urugwaý–Braziliýa: 2–1.

**Gyzykly maglumatlar**

- Dünýä Kubogy ilkinji we soňky gezek finalsyz geçirilýär. Çempion gazanylan utuga görä kesgitlenilýär.
- Ýugoslawiýanyň milli ýygyndysyndaky 22 oýunçy diňe 4 klubdan («S. Zwezda», «Partizan», «Haýduk», «Dinamo Z.») düzülýär.
- ABŞ-dan 1-0 hasabynda utulan Angliýada telefonyň näsaz işlemegi zerarly ýalňyş düşünişilip, ýurtda gazetler iňlisleriň 10–0 hasabynda utandygy barada habar berýär.
- Duşuşyklar ýurduň 6 şäherinde (Belo Orizonti, Kuritiba, Porto Alegri, Resifi, Rio de Žaneýro, Sao Paulo) geçirilýär.
- Braziliýanyň «Marakanadaky» oýunlaryna 142 müň (Ýugoslawiýa), 138 müň (Şwesiýa), 152 müň (Ispaniýa) we final oýnuna 199 müňden gowrak (Urugwaý) janköýer tomaşa edýär.
- 1949-njy ýylda Italiýanyň «Torino» klubunyň oýunçylaryny gatnadýan uçar heläkçilige uçraýar we klubuň ähli oýunçylary aradan çykýar. Italiýanyň milli ýygyndysynyň esasy oýunçylary hem şol toparda bolup, soňky 2 ýaryşyň çempiony bu bäsleşikde şowly çykyş edip bilmeýär. Italýanlar Braziliýa uçar bilen däl-de, gämi bilen gelýär.
- 4-nji Dünýä Kubogy üçin gurlan «Marakana» stadiony çempionatdan 8 gün öň 16-njy iýunda açylýar.
- Futbolyň watany hasaplanýan Angliýa ilkinji gezek Dünýä çempionatyna gatnaşýar.
- Bu çempionatdan soň Dünýä Kubogyna resmi ýagdaýda Žul Rime kubogy diýilýär.
- 9 gol geçiren braziliýaly Ademir ýaryşyň iň netijeli futbolçysy bolýar.
- Bu ýaryşdan soň ABŞ-nyň ýygyndysy 1990-njy, Boliwiýanyň ýygyndysy-da 1994-nji ýyla çenli Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmeýär.

**BRAZILIÝA 1950**



**Çempion:** Urugwaý
**2-nji ýer:** Braziliýa
**3-nji ýer:** Şwesiýa
**4-nji ýer:** Ispaniýa

**Gatnaşan toparlar (13):** ABŞ, Angliýa, Braziliýa, Boliwiýa, Çili, Italiýa, Ispaniýa, Meksika, Paragwaý, Şwesiýa, Şweýsariýa, Ýugoslawiýa, Urugwaý

**Geçirilen wagty:** 24-nji iýun–16-njy iýul (1950)
**Oýnalan duşuşyk:** 22 oýun
**Geçirilen gol:** 88 (ortaça 4)
**Tomaşaçy:** 1 045 246 (ortaça 47 511)



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Guýmagursak zehini ýatlap

Kölperiň halypasy, zehinli aktýor Ata Alowowyň döredijilik ýoly hakynda pikir eden mahalyň «Ynsan ömrüniň manysy näme?» diýen sowal örboýuna galýar. Ynha, bu sowala şeýle jogap bermek dogry bolsa gerek. «Adamlaryň şatlygyna şatlyk goşmagy, adamlaryň argynlygyny aýyrmagy, adamlara lezzet paýlamagy, gerek ýerinde hemaýatyny ýetirmegi başarýan ynsanyň ömri manyly ömürdir».

Türkmenistanyň halk artisti, aktýor, režissýor Ata Alowow hem şeýle ynsanlaryň biri bolupdy. Onuň geçen durmuş ýoluna manyly ömrüň ýoly diýip baha bermeklik dogry bolsa gerek.

Türkmenlerde «Guýmagursak bolmasa, dürtme gursak neýlesin» diýen pähim bar. Ata Alowowyň guýmagursak zehini bar. Muňa onuň sahnada hem-de kinofilmlerde döreden keşplerine, sahnalaşdyran spektakllaryna tomaşa eden her bir tomaşaçy güwä geçse gerek.

1943-nji ýylda Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynda gullukçynyň maşgalasynda dünýä inen Ata turuwbaşdan sungatyň surat çekmek görnüşine maýyl bolupdyr. Onuň kakasy Alow aga oba mekdebinde mugallymçylyk etse, ejesi Ogulgyz eje obada eli işli zenan hökmünde tanalypdyr. Alow aga bilen Ogulgyz eje bäş ogly, alty gyzy terbiýeläp ýetişdiripdirler. Çagalaryň içinde ýaşajyk Ata surat çekmegi gowy görüpdir. Alow aga Ataň çeken suratlaryny synlap, geljekde onuň suratkeş bolup ýetişjekdigine tüýs ýürekden ynanypdyr.

1959-njy ýylda orta mekdebi tamamlan Ata paýtagtymyzdaky öňki Ş.Rustaweli adyndaky çeperçilik uçilişesine resminamalaryny tabşyrýar. Giriş synaglaryna taýýarlyk görülýän wagty Atanyň ýanyna köne dostlarynyň biri gelip, özüniň Moskwa okuwa gitmekçi bolýandygyny aýdyp, Ata hem özi bilen gitmegi teklip edýär. Şondan soň Ata pikirini üýtgedip, suratkeşlik ugrundan okuwa girmän, ykbalyň emri bilen Moskwanyň Lunaçarskiý adyndaky Döwlet teatr sungaty institutynyň teatr we kino artisti bölümine okuwa girýär. Ol institutda tanymal mugallymlar O.Pyžowa, B.Bibikow dagylardan tälim alýar. Okuwyň ilkinji günlerinden başlap halypa mugallymlar Atanyň tebigy zehinine ýokary baha beripdirler. Şonuň üçin hem olar geljekki sahna ussadyna teatr sungatynyň inçe syrlaryny has-da içgin öwredip başlapdyrlar. Köp wagt geçmänkä-de institutyň halypa mugallymlary Ata okuw spektakllarynda dürli keşpleri janlandyrmagy ynanypdyrlar. Ýaş talyp Atanyň institutda ilkinji ýerine ýetiren keşbi türkmen dramaturgy Guseýin Muhtarowyň pýesasy esasynda sahnalaşdyrylan «Komsomol sözi» atly spektakldaky professor Pälwanowyň keşbi bolupdyr. Onuň döreden bu keşbi halypa mugallymlaryň we talyp ýoldaşlarynyň göwünlerinden turupdyr. Bu keşbiň şowly çykmagy geljekki artisti beýleki sahna eserlerinde dürli keşpleri janlandyrmaga getiripdir. Şondan soň professor Boris Bibikow Ata Alowowa institutda sahnalaşdyrylýan spektakllarda dürli keşpleri döretmegi ynanypdyr. Ata talyp döwründe A.Arbuzowyň «Irkutsk wakasy» atly sahna oýnunda Sergeýiň, K.Goldoniniň «Kodžinskdäki dawa-jenjel» atly sahna oýnunda Tita-Naneýiň, W.Şekspiriň «Otello» atly sahna eserinde Otellonyň we Ýagonyň keşplerini döredipdir.



Ata Alowow 1964-nji ýylda instituty üstünlikli tamamlap, paýtagtymyzdaky öňki Ýaş tomaşaçylar teatrynda işe başlaýar. Geljekki zehinli artiste şol döwürler teatryň ussatlary, Türkmenistanyň halk artistleri Aman Gulmämmedow bilen Bazar Amanow halypalyk edýärler. Bu halypalar ýaş artistiň özboluşly zehininiň bardygyna göz ýetirip, onuň bu ugurda has-da kämilleşmegi üçin uly kömek edýärler. Bu halypalaryň goldawlary netijesinde Ata sahnada dürli spektakllarda ajaýyp keşpleri janlandyryp başlapdyr. Onuň teatryň sahnasynda ýene-de ilkinji döreden keşbi bolan G.Muhtarowyň «Komsomol sözi» atly sahna eserindäki professor Pälwanowyň keşbi bolupdyr.

Ata ýaşlygyna garamazdan bu teatryň sahnasynda milli teatr sungatymyzyň taryhyna giren türkmen we daşary ýurt dramaturglarynyň pýesalary esasynda sahnalaşdyrylan sahna eserlerinde dürli häsiýetdäki gahrymanlaryň ajaýyp keşplerini döredip, tomaşaçylaryň söýgüsini gazanypdyr. Olardan «Keýmir kör» spektaklynda baş keşp bolan Keýmir körüň, «Kodžinskdäki dawa-jenjel» spektaklynda balykçynyň, «Hang» sahna eserinde Robert Şumeniň, «Egnaçyk adamlar» spektaklynda Berdiniň, «Çanda duwuň başdan geçirenlerinde» Karagaşyň we suw perişdesiniň, «Täsin tebipde» Laçynyň, «Bu nähili beýle bolýar» sahna eserinde Annatuwak Çowdurowyň, «Ökünçde» Saparyň, «Aý tutulan gijesinde» Diwananyň, «Maşgalada» Strapulowyň keşpleri tomaşaçylar tarapyndan söýlüp garşy alnan keşpler bolupdy.

Ata Alowow Moskwanyň iki ýyllyk režissýorlaryň hünär kämilleşdiriş okuwyny tamamlap geleninden soň öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet drama teatrynda oýun goýujy režissýor wezipesinde işläp başlaýar. Ol uzak ýyllaryň dowamynda teatryň sahnasynda diňe bir keşp janlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, türkmen we daşary ýurt dramaturglarynyň eserleri boýunça «Suw damjasy-altyn dänesi», «Riçard-III», «Şasenem we Garyp», «Sözlär tili türkmeniň», «Saýatly-Hemra», «Hüýrlukga-Hemra», «Ýegor Bulyçew we başgalar», «Nesimi», «Mollanepes», «Ykbal», «Ömür dawasy», «Bakja giren oklukirpi», «Il ogly», «Tüpeňli adam», «Derňewçi», «Kemine», «Bosaga balladasy», «Keramatly toprak», «Harmandäli», «Gelin gelýär», «Aşyklyk», «Agzybirlik ýylysydyr ojagyň» ýaly sahna eserlerini sahnalaşdyrypdyr.

Ata Alowow ýurdumyzyň Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynda hem zähmet çekmek bilen, bu teatryň sahnasynda-da birnäçe sahna oýunlaryny sahnalaşdyrypdyr.

A.S.Puşkin adyndaky Döwlet rus drama teatrynda «Pereňli», «Biz ýene-de duşuşarys», «Magtymguly» atly sahna eserlerini sahnalaşdyryp, tomaşaçylaryň uly söýgüsini gazanan Ata Alowow poeziýany, esasan hem Magtymguly Pyragynyň goşgularyny uly höwes bilen okapdyr. Köp öwüşginli sungat ussady Ata Alowowyň şygyr äleminde öz güýjüni synap görendigini hem belläp geçesimiz gelýär. Ol özüniň şägirtleri bolan Türkmenistanyň halk artisti Muhammetguly Kasymowa, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Döwlet Berdiýewe, Myrat Aradowa, şeýle-de artist Batyr Çaryýewe we beýleki ýaş artistlere goşgyny labyzly okamagyň inçe tilsimlerini yhlas bilen öwredipdir. Halypa artist diňe bir poeziýa bilen meşgul bolman, eýsem, eser ýazmagyň hem ussady bolup, türkmen teatr sungaty, aktýorçylyk ussatlygy barada kitapça ýazypdyr.

Ata aganyň Gökdepe urşunda bolup geçen pajygaly wakalar hakynda gürrüň berýän «Gala» atly sahna oýnunda janlandyran Gurbanmyrat işanyň keşbi, şeýle-de W.Şekspiriň «Romeo we Julýetta» sahna oýnunda janlandyran Romeonyň keşbi oňa tomaşa eden adamlaryň häli-häzirlerem ýadyndadyr. Şol keşpler hem Ata aga şöhrat getiren keşpler bolupdy. Kino sungatynda döreden keşpleri bilen hem halkyň söýgüli artistine öwrülen Ata Alowowyň surata düşen filmlerinden meşhur režissýor hem aktýor Alty Garlyýewiň «Magtymguly» atly çeper filmi, «Derýanyň aňyrsy serhet», «Gämiçiniň jany bir», «Tentek» atly çeper filmler halk köpçüliginiň göwnünden turan filmler bolupdy. Alty Garlyýew «Magtymguly» filminde ýaş türkmen ýigidi Öweziň keşbini, şeýle-de, «Derýanyň aňyrsy serhet» filmindäki baş gahrymanyň, ýagny serhetçi ýigit Atanyň keşbini janlandyrmak üçin Ata Alowowy teklip edipdir. «Gämiçiniň jany bir» filminde balykçy ýigit Myradyň, «Tentek» filmindäki başlygyň keşbi artistiň ýiti zehinini, ukyp-başarnygyny aýan eden keşplerdir.

Ata Alowow kino sungatynda diňe bir keşp janlandyrmagyň ussady bolman, kinofilmlere ses bermegiň hem ussady bolupdyr. Ol «Türkmenfilm» kinostudiýasynyň terjime bölüminde daşary ýurt filmleriniň 500-den gowragyna türkmen dilinde ses beripdir.

Ata aga režissýor hökmünde Türkmen döwlet gurjak teatrynyň sahnasynda hem çagalaryň söýgüli ertekileri esasynda ençeme sahna oýunlaryny sahnalaşdyrýar.

Ussat halypa işlän döwürleri Aşgabadyň öňki Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynda, şeýle hem Türkmen döwlet medeniýet institutynda talyp ýaşlara aktýorçylyk ussatlygyndan sapak beripdir.

Köpleriň halypasy Ata Alowowa kino we teatr sungatyny ösdürmekdäki bitiren hyzmatlary üçin 1976-njy ýylda Türkmenistanyň at gazanan artisti, 1993-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň halk artisti diýen hormatly atlar dakylýar. Halypa 1985-nji ýylda «Suw damjasy - altyn dänesi» atly eseri sahnalaşdyrandygy üçin Magtymguly adyndaky Döwlet baýragyna mynasyp bolýar. 1996-njy ýylda Ata Alowow «Gaýrat» hem-de «Watana bolan söýgüsi üçin» medallary bilen sylaglanýar, «Gala» atly eseri sahnalaşdyrandygy üçin Magtymguly adyndaky Halkara baýragyna mynasyp bolýar. 2001-nji ýylda «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» ordeni, 2011-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna atly ýubileý medaly bilen sylaglanýar.

Öz ýaşan manyly ömründe teatr we kino sungatynyň ösmegi üçin uly işler bitiren halypa artist Ata Alowowy ýakynlary, deň-duşlary, şägirtleri we bile işleşen kärdeşleri ýagşylykda ýatlaýarlar.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*kino sungatyny öwreniji.*

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny her bir ojaga sogap, halallyk getirýän baýram bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Adamlaryň arasyndaky agzybirligiň we jebisligiň nusgasy bolan Gurban baýramynyň halkymyza şatlyk getirmegini arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň ýagty ertirleri üçin alyp barýan ähli işiňizde üstünlik arzuw edýäris! Aýt–gurbanlygyňyz, berjek sadakalaryňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«TÜRKMENTURBA» AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ähli türkmenistanlylary mukaddes Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys! Gurban baýramy hormatyň, dostlugyň, ýaraşygyň, agzybirligiň, birek–birege hemaýat bermegiň, söýginiň, parahatçylygyň baýramydyr. Goý, ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny Siziň döwlet baştutanlygyňyzda bellemek hemmämize nesip etsin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, belent başyňyzyň aman bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

Gurbanlygyňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENTURBA» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň halkyny mukaddes baýramçylyk – Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Gurban baýramy uly ruhubelentlik, güýç-gaýrat, ýürek päkligi bilen ýaşamagy aňladýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Indiki ýyllarda-da Siziň baştutanlygyňyzda agzybirlik bilen Gurban baýramyny bellemek her birimize miýesser etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Agzybir ilimiziň toý–baýramlaryna halkymyz bilen uzak–uzak ýyllar bilelikde guwanmak Size nesip etsin!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň şanly baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys! Ýurdumyzyň gülläp ösmegini, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny arzuw edýäris!

Türkmen ilimizde her ýyl Gurban baýramy dabaralanyp, agzybirlikde, ruhubelentlikde, şatlyk-şagalaňda, rysgal-bereketde bellenilýär. Ol bagtyýar halkyň agzybirligini, jebisligini, azat, erkana durmuşyny, ynsana goýulýan belent sarpany aňladýar. Medeni ýazuw gymmatlyklarymyzda Gurban baýramy hakynda örän köp maglumata duşmak bolýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda agzybirlik bilen ýeneki ýyllarda-da Gurban baýramyny bellemek her birimize nesip etsin! Gurban baýramy mynasybetli halkymyzyň ýagty ertirleriniň hatyrasyna alyp barýan il-ýurt bähbitli döwlet işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bolsa eşretli durmuş arzuw edýäris! Halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň berkidilmegi, ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan ýurdumyzyň her gününiň şanly wakalara, zähmet ýeňişlerine beslenmegi ugrunda alada edýän döwlet Baştutanymyz – Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞY TEKSTIL KOMPLEKSI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyzda mukaddes baýram bolan Gurban baýramynyň uly dabara bilen bellenilmegine taýýarlyk görülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe erkana ýaşaýan halkymyz Gurban baýramyny asuda asmanyň astynda belläp geçmäge ähli mümkinçilikleri döredýändigiňiz üçin Size çäksiz hoşallyk sözlerini aýdýarlar. Gurbanlyk günleri türkmen halky sadaka edip, il–ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

Ýurdumyzda müňýyllyklaryň dowamynda dinini, däp-dessurlaryny we dilini arassa saklap gelen merdana halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklary, asylly ýörelgeleri mynasyp dowam etdirilýär hem-de baýlaşdyrylýar. Nesillerden-nesillere geçip gelýän mukaddes ynançlar we adatlar, sahawatlylyk, hoşniýetlilik, birek-birege sarpa goýmak ýaly ynsanperwer däpler ösdürilýär. Ýurdumyzda Gurban baýramynyň döwlet derejesinde agzybirlikde bellenilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şöhratly ata-babalarymyzdan miras galan milli däp-dessurlarymyza, belent umumadamzat gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýandygyny aýdyň tassyklaýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy tekstil kompleksiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

Musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyzyň ähli welaýatlaryna we paýtagtymyza wekilçilik edýän watandaşlarymyz tutuş dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, şu sahawatly günlerde mukaddes Käbä tagzym etmek we beýleki däp bolan dessurlary berjaý etmek üçin Mekgede hem-de Medinede bolýarlar. Zyýaratçylar yslam dünýäsinde mukaddes saýylýan keramatly Mekge-Medinä gidip, haj parzyny ýerine ýetirmäge zerur şertleriň döredilýändigi üçin Size tüýs ýürekden hoşallyk sözlerini beýan etdiler, bu meseleleriň oňyn çözülmegine döwlet derejesinde üns berilýändigi üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýtdylar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Watandaşlarymyz haj parzyny berjaý edýän pursatlarynda Beýik Biribardan mähriban halkymyzyň bagtyýarlygyny, ata Watanymyzyň abadançylygyny, Siziň jan saglygyňyzy dileg edip, aýat-doga okarlar, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän beýik işlerde halkymyza üstünlikleri arzuw ederler. Türkmen zyýaratçylarynyň doga-dilegleri Gudraty Güýçli Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# GYPJAKDAKY S. NYÝAZOW ADYNDAKY DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi belent ynsanperwerlik gymmatlyklaryny we egsilmez ruhy baýlygy özünde jemleýän mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Ýürekdeşlige, dost-doganlyga hem-de hoşniýetlilige ýugrulan Gurban baýramy watansöýüji, adalatly, sabyr-kanagatly, sahawatly bolmak baradaky müdimi ýörelgeleri özünde jemleýär. Bütin durky bilen halallyga, arassa ahlaklylyga uýan ata-babalarymyz ynsanperwerligi, dost-doganlygy we dogruçyllygy, hoşniýetliligi we ýagşylyk etmegi durmuş kadasyna öwrüpdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu kadalar her bir maşgalanyň asudalygynyň we abadançylygynyň, tutuş jemgyýetimiziň agzybirliginiň hem-de bitewüliginiň girewi bolup hyzmat edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Beýik Biribardan türkmen halkynyň bagtyýarlygyny, Türkmenistanyň abadançylygyny, Siziň baş saglygyňyzy dileg edýäris! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ägirt uly özgertmelerini durmuşa geçirmekde türkmen halkyna üstünlik arzuw edýäris! Goý, berjek sadakalaryňyz, okajak doga–dilegleriňiz Beýik Allanyň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Gypjakdaky S. Nyýazow adyndaky dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÜRKMENBAŞYDAKY NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi musulman äleminiň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy mynasybetli zawodlar toplumynyň işgärleriniň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Mukaddes Gurban baýramy mynasybetli iň ýagşy arzuwlarymyzy, baýramçylyk gutlaglarymyzy Size ýetirýäris we Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, işiňizde rowaçlyk dileg edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siz nesilleriň ruhy terbiýesiniň we köňül tämizliginiň gönezligi bolan milli däp-dessurlarymyzy gaýtadan dikeltmek, olary döwrebap ösüşe ýugrup, durmuşa ornaşdyrmak üçin uly aladalar edýärsiňiz. Gurban baýramy dünýä musulmanlarynyň iň uly, sogaply baýramlarynyň biridir. Baýramçylyk günleri halkymyz dogaýy dilegler edip, hormatly Prezidentimiz – Size we Türkmenistanyň halkyna jan saglyk, ýurt abadançylygyny we parahatçylygyny, agzybirlik, halklaryň dostlugyny dileýärler.

**Hormatly Prezidentimiz!** Gurban baýramyňyz gutly bolsun, gazananyňyz sogap bolup, görjegiňiz gowulyk bolsun! Halkymyzyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiz hemişe rowaç bolsun! Agzybir ilimiziň toý–baýramlaryna halkymyz bilen uzak–uzak ýyllar bilelikde guwanmak Size nesip etsin! Il–ulsuň köňül telwasynyň Hakyň dergähine gowşup, ata–babalarymyzyň arzuwlarynyň amala aşýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe tutýan milli toýuňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan toplumyň baş direktory D. ÇIŞIÝEW.**

# «BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe many goýazylygyna has-da çümüp, täze röwüş, täze öwüşgin tapan gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy diýlende, agzybirlik, jebislik, göwnaçyklyk, gülerýüzlülik göz öňünde janlanýar. Ol uly-kiçi hemmäniň ýüregine, gursagyna joşgun, ynam we buýsanç salýan baýram. Gurban baýramy uludan bellenilýän toýlaryň biridir. Türkmen ili gurbanlyk günleri baýram edip, sadaka berip, il–ýurt abadançylygyna, Siziň jan saglygyňyza ýagşy dilegler edýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda milli däp–dessurlarymyz uly goldawa eýe bolýar, döwrebap ösüşler bilen barha kämilleşýär hemde halkymyzyň ruhubelentlik çeşmesiniň biri hökmünde durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän toý-baýramlara uzak-uzak ýyllar halkymyz bilen bilelikde guwanmak Size miýesser etsin!

Sizi we agzybir halkymyzy gudraty güýçli Beýik Biribar öz penasynda aman saklasyn! Aýt–gurbanlygyňyz, okajak doga–dilegleriňiz Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**Zehinli iş**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Yslam dünýäsiniň ýokary ynsanperwerligini alamatlandyrýan mübärek Gurban baýramy bilen Sizi we ähli halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Watansöýüjiligi, gaýduwsyzlygy, halallygy, päkligi, dogruçyllygy ileri tutýan halkymyz gadymyýetden gözbaş alýan, milli öwüşginlere baý ruhy gymmatlyklary döredip, päk ahlaklylygy, wyždan arassalygyny ündeýän däp-dessurlaryň, ynsanperwer kadalaryň kemala gelmeginde uly orun eýeläpdir. Milletimiziň örän baý taryhy-medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde milli däp-dessurlaryň gaýtadan dikeldilmeginiň, aýawly saklanylmagynyň ýaş nesilleriň terbiýesinde möhüm ähmiýeti bar. Türkmenistanyň berkarar döwletli bagtyýar halky bilen bilelikde biz hem Siziň daşyňyza agzybirlikde jebisleşip, türkmen döwleti, Türkmenistanyň halky we umumadamzat bähbitli tutýan ähli ynsanperwer işleriňizde uly rowaçlyklary arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň başyňyz dik, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun! Gurban baýramynda berjek sadakalaryňyz Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**Miweli Ülke**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň halkyny Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy – ulus ili bir saçagyň, bir ojagyň, päk niýetiň başynda jemleýän baýram. Gurbanlyk berilýän öýde adamlaryň jem bolup, nahar-şor taýýarlamaklary, ýaşulularyň kethudalyk hyzmatynda gaýym durmagy ýürekdeşligiň, arkadaşlygyň, agzybirligiň nyşanlarydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň halkara giňişligindäki abraýy barha ýokarlanýar we pugtalanýar. Gurban baýramy halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, parahatçylyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýeren edermen pederlerimizden miras galan milli ruhy gymmatlyklara we ýagşy dessurlara üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, umumadamzat bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk, halkymyza bolsa bagtyýarlyk hem-de abadançylyk arzuw edýäris!

Gurbanlygyňyz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň şanly baýramy bolan Gurban baýramy bilen mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy agzybirlige, dogan-garyndaşlyga çagyrýan baýramdyr. Gurbanlykda her kim täze lybas geýýär. Gurbanlyk her öýde edilip, gazan atarylýar. Şol günlerde il-gün agzybirliginiň we baş saglygynyň dilegi bilen sadakalar berýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze öwüşgine eýe bolan milli gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Ata-babalarymyz irki döwürlerde ýylyň dowamyndaky iki baýramy – Oraza we Gurban baýramlaryny dabara bilen belleýän ekenler. Gurban baýramy döwürleriň we nesilleriň dowamatlylygyny, şöhratly ata-babalarymyzyň wesýetlerine ygrarlylygy alamatlandyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Gurban baýramy mynasybetli Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bagtyýarlyk arzuw edýäris! Aýt–gurbanlygyňyz, etjek doga–dilegleriňiz kabul bolsun!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас и весь дружественный народ Туркменистана со светлым праздником Курбан байрамы.

Благословенный Курбан байрамы, испокон веков символизируя такие высокие ценности ислама, как гуманизм и толерантность, единство и взаимопонимание, благотворительность и обоюдную поддержку, занимает особое место в духовной сокровищнице мусульманской мира.

Курбан байрамы – наивысшее выражение дружбы, сплочённости и взаимоуважения. Этот древний праздник прививает и развивает в людях духовность, веру, уважение к общественным устоям, нравственность и справедливость.

Проводя внешнюю политику на принципах мира и дружбы, гуманизма и развития, Вы планомерно наращиваете сотрудничество с международными и региональными организациями. Ваша внутренняя и внешняя политика, направленная на созидание и прогресс, великая деятельность государственного и общечеловеческого значения нацелены на дальнейшее гармоничное развитие Туркменистана и повышение её авторитета в мире.

Сегодня благодаря самоотверженному труду туркменского народа, в Туркменистане претворяется в жизнь масштабные реформы во всех отраслях национальной экономики. Строя новые сёла и посёлки, современные промышленные комплексы, планомерно укрепляется позиция Туркменистана на мировой арене.

Ещё раз сердечно поздравляем Вас с Курбан байрамы!

Желаем Вам крепкого здоровья, долголетия, счастливой жизни и семейного благополучия!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

nowa
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny musulman äleminiň mukaddes baýramy bolan Gurban baýramy mynasybetli mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Bu milli baýram her ýyl il agzybirliginde, dabaraly bellenilip geçilýär. Gurban baýramy halkymyza mahsus bolan saçak ýazmagyň, myhmansöýerligiň, sylag-hormatyň gözbaşy bolmakdan başga-da agzybirlige, dogan-garyndaşlyga çagyrýan baýramdyr.

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

BTC

# BAHMAN TRADING CORP.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bellenilýän mukaddes Gurban baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys! Size uzak ömür, berk jan saglyk, halkyň röwşen geljeginiň hatyrasyna alyp barýan işleriňizde üstünlikler dileýäris! Türkmenistanyň mähriban halkyna abadançylyk we rowaçlyk, agzybirlik we jebislik, şatlyk we bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Gurban baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BAHMAN TRADING CORP.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Ýurdumyzda Gurban baýramy uludan bellenilýär. Gurban baýramy halkymyzyň iň gadymy baýramlarynyň biri. Bu baýram ähli musulmanlaryň hem mukaddes baýramy hasaplanýar.

Halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň berkidilmegi, ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan ýurdumyzyň her gününiň şanly wakalara, zähmet ýeňişlerine beslenmegi ugrunda alada edýän döwlet Baştutanymyz – Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli türkmenistanlylary musulman ymmatynyň şanly baýramy bolan Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze öwüşgine eýe bolan milli gymmatlyklarymyzyň biri hem Gurban baýramydyr. Gurban baýramy mynasybetli Size uzak ömür, berk jan saglyk, alyp barýan işleriňizde üstünlik, halkymyza bagtyýarlyk arzuw edýäris! Aýt–gurbanlygyňyz, etjek doga–dilegleriňiz kabul bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**